TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY

ACADEMY OF SCIENCES OF TURKMENISTAN

АКАДЕМИЯ НАУК ТУРКМЕНИСТАНА

# PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY

*Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli geçirilýän halkara ylmy maslahatyň makalalar ýygyndysy*

**2024-nji ýylyň 18-nji maýy**

# II

Aşgabat
“Ylym” neşirýaty
2024

и “Плачь соловья”. Его название приводится наряду с другими развитыми городами времён Махтумкули, что свидетельствует о непосредственном знакомстве поэта с этим важным населённым пунктом посредством книг, в которых Кайсери определяется как один из наиболее прогрессивных городов того времени.

“Караман-нама”, написанная в XIV веке в районе Караманогуллары и переведённая на туркменский язык в XVI веке в Османской империи, является важным источником для изучения как исторических событий, так и названий развитых городов, социально-экономического и политического положения населения в них. В нём также описаны исторические события, касающиеся города Кайсери.

**Jemile Pürjäýewa, Begmyrat Ataýew**
*(Türkmenistan)*

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ BITEWI JEMGYÝETI KEMALA GETIRMEKDÄKI ORNY

Umumadamzat gymmatlyklaryny baýlaşdyrýan hem-de ynsanperwer gatnaşyklary pugtalandyrýan ajaýyp şygyrlary bilen Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe nesillerimiziň mertebe buýsanjyna öwrülen Magtymguly Pyragynyň baý edebi mirasy öwrenilip, olary ylmy taýdan halka ýetirmekde uly işler alnyp barylýar. Milli Liderimiz: “Türkmen edebiýatynda çuňňur halk parasatlylygyny beýan edip, ajaýyp eserleri peşgeş beren ussatlar az däl. Men Magtymgulynyň, Andalybyň, Azadynyň, Keminäniň öňünde baş egýärin” diýmek bilen, nusgawy şahyrlarymyzyň baý edebi mirasyna ýokary baha berýär. Gündogar edebiýatynyň görnükli wekili, beýik söz ussady Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde ahlak, öwüt-nesihat, watansöýüjilik, agzybirlik, ynsanperwerlik, mertlik meseleleri uly orny eýeleýär. Bu bolsa şahyryň bütin döredijiliginde il-ýurduň bir desterhanyň başynda jemlenmegi maksat edinendigini görkezýär. Beýik şahyr öz halkynyň ykbaly barada ýakyndan alada edip, onuň erkinlik, özbaşdaklyk baradaky asylly arzuw-umytlaryny, isleglerini batyrgaýlyk bilen beýan edip, halky agzybirlige çagyran setirleri onuň “Türkmeniň” atly şygrynda jemlenýär. Şonuň üçin hemişe agzybir, bitewi bir halk bolmagy arzuwlan türkmen beýik şahyrynyň öwüt-ündewlerini durmuş ýörelgesine öwrüpdir. Şahyr her demde halkyň agzybirligi baýdak edinmelidigini ündäpdir.

Türkmenistan Garaşsyz döwlet bolanyndan soň, özbaşdak hem ýaş türkmen döwletiniň milli ruhdaky raýat jemgyýetini kemala getirmekde ýurduň köpçülikleýin habar beriş serişdelerine aýratyn orun degişli boldy. Çünki sarsmaz hem

şöhratly, gurply we kuwwatly döwleti gurmak üçin ýetilen belent sepgitleri, gazanylan üstünlikleri jemgyýete wagyz etmek, dünýä halklaryna ýetirmek, watansöýüjilik duýgularyny berkitmek, agzybir, bitewi jemgyýeti kemala getirmek öňde duran esasy wezipeleriň biri boldy. Agzybirlik ähli döwürlerde-de halkyň esasy gymmatlygy. Sebäbi agzybirlik asuda ýaşaýşyň, rysgal-berekediň gözbaşy, köki, özeni. Şeýle bolansoň, ýazylýan makalalar, taýýarlanylýan gepleşikler edebi mirasymyzyň millilik taraplary, onuň ähmiýeti; Oguzhan atamyzyň agzybir, jebis bolmak hakyndaky sargytlary; türkmeniň başyna bela gelse, esasy üç zatdan – agzalalykdan, men-menlikden, haramlykdan geljekdigini ündän Gorkut atanyň wesýetleri; deňlik, agzybirlik, jebislik hüküm sürýän Çandybili we onda ýaşaýan halky gözüniň göreji dek goran Göroglynyň batyrlyk, mertlik ýaly häsiýetleri; nusgawy edebiýatymyzyň görnükli wekilleriniň döredijiligi, aýratyn-da, türkmeniň beýik şahyry Magtymguly Pyragynyň döredijiligi bilen ýugruldy. Agzybirligi berkitmekde Watany söýmek esasy şert. Şu nukdaýnazardan Magtymgulynyň "Türkmeniň", "Gürgeniň", "Gökleň", "Türkmen binasy", "Ili gözlär", "Bilinmez" ýaly ençeme goşgulary watansöýüjilik temasynyň beýik nusgalarydyr. Şahyr hakyky watançy hökmünde öz ýurduna, il-gününe, tebigatyna çäksiz söýgi bilen garapdyr. Akyldar şahyr hem Watanyny söýýän päk ahlakly adamlara hormat goýupdyr.

Türkmeniň akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň bitewi döwlet gurmak, agzybir durmuşda ýaşamak, berkararlyk binýadyny esaslandyrmak hakdaky belent arzuwlaryny Gahryman Arkadagymyz bir kemsiz hasyl etdi. Gahryman Arkadagymyz hem döwletimiziň berk binýatly bolmagynyň esasynda halkyň agzybirliginiň durýandygyny her bir çykyşynda Magtymguly atamyzyň setirleri bilen beýan edýär. Şahyryň şygyrlary elmydama öz gymmatyny ýitirmejek eser bolup galar.

Şonuň üçin bütin halkymyzyň Gahryman Arkadagymyza bolan ymgyr söýgüsi, asuda, parahat Watanymyza bolan buýsanjy, beýik akyldar şahyrymyza bolan hormat-sarpasy çäksizdir. Çünki Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly: "Ynsanperwerligiň, watansöýüjiligiň, ruhubelentligiň, bitewüligiň, agzybirligiň aýdymy bolup ýaňlanýan Magtymguly Pyragynyň şygyrlary her bir ynsanyň köňül nagşydyr".

**Jemile Purjayeva, Begmyrat Atayev**
*(Turkmenistan)*

## THE ROLE OF MAGTYMGULY FRAGI IN BUILDING A UNITED SOCIETY

In the Era of Revival of the New Epoch of the Powerful State, large-scale work is being carried out in the country on study scientific and popularize the rich literary heritage of Magtymguly Fragi, who has become the pride of our generations with

his wonderful poems that enrich the values of humanity and serve as a stronghold of humanitarian ties.

In the works of the prominent representative of Eastern literature, the great master of words Magtymguly Fragi, the themes of morality, patriotism, unity, humanity and courage occupy a special place. The great master of words called the people to unity with his poems. The poet, like a true patriot, was filled with boundless love for his country and people. The thinker and poet also had special respect for honest people who love their Fatherland.

**Джемиле Пурджаева, Бегмурад Атаев**
*(Туркменистан)*

## РОЛЬ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ В ПОСТРОЕНИИ МОНОЛИТНОГО ОБЩЕСТВА

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства в стране проводится масштабная работа по научному изучению и популяризации богатого литературного наследия Махтумкули Фраги, ставшего гордостью многих поколений туркмен своими.

В творчестве яркого представителя восточной литературы, великого мастера слова Махтумкули Фраги темы нравственности, патриотизма, единства народа, гуманности и мужества занимают особое место. Поэт, как истинный патриот, был преисполнен безграничной любовью к своей стране, народу.

**Annagül Balkanowa**
*(Türkmenistan)*

## “ÝUSUP-ZÜLEÝHA” ÝORDUMYNYŇ MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGINDE IŞLENILIŞI

Gözelligiň nyşany bolup, dünýä edebiýatyna giren Ýusupdyr Züleýhanyň edebi keşbi aslynda halk döredijiliginiň önümidir. Magtymguly “Ýusup-Züleýha” ýordumyny yzarlap “Atly ýaranlar” poemasyny we birnäçe goşgulary düzýär. Pyragy “Aýrylmadymy” atly goşgusynda: *“Leýli Mejnunyndan, Şirin Perhatdan, Wamyk Uzrasyndan aýrylmadymy?”* “Söýmüşem seni” goşgusynda: *“Ýakup ýurt etdi Kengany, Ogludyr Müsür soltany, Misli Ýusup Züleýhany, Söýen dek söýmüşem seni”* diýip ýazýar. Ýagny bu goşguda liriki gahryman pygambere bolan söýgüsini Ýusubyň Züleýha, Mejnunyň Leýlä bolan söýgüsine deňeýär. Ol öz duýgusynyň nä derejede güýçlüdigini meňzetme çeperçilik serişdesiniň üsti bilen açyp görkezýär.